THE ASHGABAT TIMES

# Türkmenistan we Rumyniýa uniwersitetara hyzmatdaşlygy ara alyp maslahatlaşdylar

Türkmenistanyň Halkara ynsanperwer ylymlary we ösüş uniwersitetiniň prorektory Nurmuhammet Şihliýew iş saparynyň çäginde Rumyniýanyň Buharest Politehniki uniwersitetine baryp gördi. Bu barada "Türkmenistan: Altyn asyr" neşiri habar berdi.

Politehniki uniwersitetiniň prorektory Horia Nekula rumyn uniwersitetiniň taryhy, gurluşy, akademiki we halkara işjeňligi barada jikme-jik gürrüň berdi we türkmen uniwersiteti bilen uzak möhletleýin hyzmatdaşlygy ýola goýmak islegini bildirdi.

Duşuşygyň netijesinde taraplar kompýuter tehnologiýalary ugrundan "1+1" ulgamynda goşa diplom programmasyny işläp düzmek mümkinçiligini öwrenmegi, özara gyzyklanma bildirilýän beýleki ugurlarda işjeňligi güýçlendirmegi meýilleşdirdiler.

Mundan başga-da, Nurmuhammet Şihliýew Ploeşti Nebit-gaz uniwersitetine baryp gördi. Rumyn uniwersitetiniň rektory Alin Diniça hyzmatdaşlygyň ösdürilmegine gyzyklanma bildirdi we hyzmatdaşlygyň ugurlary hökmünde akademiki bilim, gözleg we ylym, talyplar we mugallymlar alyş-çalşygy, "Erasmus+" programmasyny belledi.

Netijede, taraplar iki uniwersitetiň arasynda özara düşünişmek baradaky memorandum gol çekmek, şeýle hem gyzyklanma bildirilýän mowzuklar boýunça bilelikdäki çäreleri, konferensiýalary we onlaýn leksiýalary alyş-çalşygy guramak arkaly ikitaraplaýyn aragatnaşyklary güýçlendirmegi öwrenmegi ylalaşdylar.

Все права защищены

save pdf date >>> 06.12.2025